# «Hristosyñ diwanasy»: Lew Tolstoý

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar,Türkmen dili,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 23 января, 2025
"Hristosyñ diwanasy": Lew Tolstoý "HRISTOSYÑ DIWANASY": LEW TOLSTOÝ

Lew Nikolaýewiç Tolstoý, dünýä belli rus ýazyjysy.

▶ LEW TOLSTOÝ KIM?

Lew Tolstoýyñ, Aleksandr Puşkiniñ, Mihail Lermontowyñ, Maksim Gorkiniñ ady islendik türkmene tanyş bolsa gerek. Hatda kitap okamakdan daşda bolan bir raýat hem bu atlary ömrüniñ dowamynda birnäçe gezek eşidendir. Iñ bolmanda ýaşaýan ýerinde bir köçäniñ ady bu beýik ýazyjylaryñ birini adyny göterýändir (ýa-da öñ göterendir). Şonuñ üçin Lew Tolstoý diýilende, bu kim bolýarka diýip señrigini ýygyrjak ýokmuka diýýärin.

■ Lew Tolstoý kim bolupdyr?

Onuñ döreden ölmez-ýitmez eserlerine bolan gyzyklanma öñkülerden has artmagy bilenmi näme, ýa-da başga sebäpler bilenmi, soñky döwürlerde bu beýik ýazyjy we onuñ ömri barada dürli jedeller orta atylyp başlandy. Hatda ýazyjynyñ yslamy kabul edendigi barada hem dürli çaklamalar aýdylýar. Dogrudanam şeýle genial adamyñ yslamdan bihabar bolmagy mümkinmi? Hristiýan dininiñ taglymaty barada ýazan birnäçe teologik kitaplary, onuñ ähli dinler bilen bir hatarda yslamyýet bilen gyzyklanan bolmaly diýen netijäni berýär. Ol hiç babatda yslamdan bihabar bolan däldir. Sebäp diýseñ, yslamyñ iñ ösen ýeri bolan, ylym-bilim ojagy, Magtymguly Pyragy ýaly ägirtlerimiziñ kitaplarynyñ daşbasma usuly bilen çap edilen ýeri bolan Kazandaky uniwersitetde okamagy we ondaky sapaklary özbaşdak doly özleşdirip uniwersiteti taşlap

gaýtmagy, Kawkazdaky musulman halklarynyñ arasynda bolmagy, Krym urşuna gatnaşmagy ýaly birnäçe zatlar onuñ yslamyýet bilen hem tanyşmaklyga birnäçe şertleri döreden bolmaly. Bu barada ilkinji bolup biz aýdamzok. Muny ruslaryñ hut özi orta atyp jedelleşýärler. Hatda onuñ yslam barada ýazan bir traktatynyñ hem bardygyny, emma ol traktatyñ ýitendigini (ýa-da gizlenip saklanýandygyny) hem orta atýarlar. Ol musulman bolupdyrmy, bolmandyrmy, anyk bir zat aýdyp biljek däl. Bu barada hiç kimem häzirlikçe belli bir zat aýdyp bilenok. Emma L.Tolstoýyñ, A.Puşkiniñ, F.Dostoýewskiniñ yslam bilen ýakyndan gyzyklandygy welin hakykat. Hatda F.Dostoýewskiý bir hatynda tanyşlarynyñ birine Kantyñ kitaby bilen bir "Gurhan" ibermegi sargan ýeri bar. Bärde geñ görer ýaly zat ýok. F.Dostoýewskiý, Lew Tolstoý ýaly bütin ömründe adalatyñ tarapynda bolan, hakykaty gözlän beýik şahsyýetler yslam bilen gyzyklanmagy kanuna laýyk ýagdaýdyr. Garyp-gasarlaryn arkasynda durup, adalaty dabaralandyrmaga çalyşandygy üçin Lew Tolstoýyñ eserlerini sowet döwründe apalap okalanam bolsa, dindarlygy üçin oña her dürli garalamalar atylypdyr. Belki-de, bu onuñ yslama ýakynlaşmagy sebäpli şeýdilendir? Hatda bolşewikleriñ serdary W.I.Leniniñ özi oña "Lew Tolstoý rus rewolýusiýasynyñ aýnasydyr" diýip, şol bir wagtyñ özünde "Hristosyñ diwanasy bolup ýören bir pomeşik diýip atlandyrypdyr. Aşakda W.I.Leniniñ bu makalasyny we onuñ musulmandygy barada jedeli orta atýan makalany dolulygyna dykgatyñyza ýetirmekçidiris. Ýöne makaladan öñ Lew Tolstoýyñ ömri we döredijiligi bilen gysgaça tanyşalyñ:

▶ÖMRI

L.N.Tolstoý baý maşgalada, Russiýanyñ Tula şäheriniñ etegindäki Ýasnaýa Polýana obasynda dünýä inýär. Heniz çagajykka ene-atasy aradan çykýar we ol garyndaşlarynyñ elinde ulalýar. Çagalykdan hakykata göz ýetirmäge bolan çuññur gyzyklanmasy bar ekeni. Bilimini tamamlamak üçin Moskwa gidýär. Ol okuwda ýadamazak-armazaklygy bilen tanalýar. Fransuz dilini öwrenip Wolteriñ we J.J.Russonyñ eserlerini

okaýar, hatda birnäçe wagtlap bu iki ýazyjynyň täsirinden çykyp bilmeýär. Soňra Ýasnaýa-Polýana obasyna dolanyp, garyp obadaşlarynyň arasynda ýaşap başlaýar. Ilkinji eseri "Çagalygymy" şol wagtlar ýazýar. Biraz wagtdan soňra harby gulluga, Kawkaza gidýär. Kawkaz halklarynyň garyp durmuşy barada gözi bilem gören zatlary esasynda birnäçe hekaýalary ýazýar. 1854-nji ýylda Krym urşuna gatnaşýar. Soňra goşundan aýrylyp Sankt-Peterburga gidýär. Birnäçe eserlerini şol ýerde ýazýar. Ol näçe ýazsa-da hiç derdini egisip bilenokdy. Elmydama beýik ýazyjynyň ruhy bir zatlary gözleýärdi. Emma gözleýän hakykatyny tapyp bilmän, bir ýerde durup jany jaý tapanokdy. Şonuň üçin ol Ýewropa ýurtlaryna syýahat etmäge başlady. Germaniýada, Fransiýada, Şweýsariýada boldy. Soňra ýene-de dogduk obasyna dolanyp barýar. Ol ýokary derejeli swet durmuşdan, aşa götergilenmekden, hormat-sylag berilmeginden bizar-peteňi çykypdy. Ýazyja bu zatlaryn asla geregi ýokdy. Şonuň üçin ol obasynda bir mekdep açýar.
Bu mekdep bilim berliş usuly boýunça düýbünden täzeçedi. Göwnüniň ynjalandygyna ynanan ýazyjy 1862-nji ýylda öýlenýär. L.N.Tolstoý öýlenende Sofiýa Behrs 16 ýaşyndady. Bu maşgala onuň galagoply kalbyna ynjalyk bermelidi. Ýazyjynyň Sofiýadan 12 sany çagasy bolýar, ýöne ol çagalaryň bäşisi aradan çykýar. Dünýä belli iki eseri bolan "Uruş we parahatçylyk" we "Anna Karenina" romanlaryny şol ýyllarda ýazýar. Aýaly onuň eserlerini ýazmagynda iň uly kömekçisidi. Hatda aýaly "Uruş we parahatçylyga" her gezek düzediş berilende bu ägirt eseri gaýtadan göçürip, jemi 12 gezek elde göçüripdir. Wagtyň geçmegi bilen ýazyjy ýene-de ynjalykdan gaçyp başlaýar.
Köpçülikleýin halk tolgunşyklarynyň, aýratynam rus obalarynyň gözgyny ýagdaýy ony diýseň gynandyrýardy. Ýazyjy elindäki bar baýlygyny garyp-pukaralara dagadyp, özi hem pukara durmuşda ýaşap başlaýar. Hopul-sopul geýinýär we eşiginiň ýyrtygyny özi ýamap geýýär. Üýtgemän galan ýekeje zat bardy: olam ýazyjynyň arman-ýadaman ýazýardy. "Tümlügiň güýji", "İman näme?", "Hünjiler", "Buthana we döwlet", "Beýanlarym" ýaly eserleri bu ýyllaryň önümidir. Eserlerinde adamzadyň dürli meselelerine ýüzlenen Tolstoýyň dünýä derejesinde gymmaty bardyr. Öz

ýurdunyň jemgyýetçilik syýasy bulaşyklygyny, halkynyň döreýşini, durmuşyny ussatlyk bilen eserlerinde beýan etmegi başarypdyr.
Realistik edebiýatyň iň görnükli wekili bolşy ýaly, filosof we pedagog hökmünde-de meşhurlyk gazanypdy.
Öýüni terk eden L.N.Tolstoý gyşyň orra-ortasynda tapdan gaçyp, Astapowonyň otly duralgasynda 82 yaşynda 1910-njy ýylda aradan çykýar. Polisiýa güýçleri beýik ýazyjyny soňky ýoluna ugratmak üçin halkyň toplanmagyna çäklendirme girizmek islänem bolsa, müňlerçe obaly daýhanlardan ýaňa onuň jynazasynda aýak basara ýer bolmandyr.
Lew Tolstoý ýaşan ömründe agyr kynçylyklara sezewar bolupdyr. Ol marksizmiň reaksion pikirlerinden täsirlenip, baryny-ýoguny obalylara paýlaýar we garyp-gasarlar ýaly ýaşamaga başlaýar. Hut şonuň üçin hem onuň maşgalasy bilen arasy bozulýar.
Hristiýan anarhizmini ösdürmek üçin "Hudaýyň hökümdarlygy öz içimizdedir" kitaby bilen täze bir hristiýanlyk akymyny döretmäge çalyşmagy ýazyjynyň prawoslaw buthanasy tarapyndan aforoz edilmegine (dinden çykan diýip yglan edilmegine) sebäp bolýar.
L.N.Tolstoý ömrüniň soňky ýyllaryny lapykeç halda geçirýär we halys ruhdan düşüp, öýünden çykyp gidýär. Ol Astapowonyň otly duralgasynda sowukda ölüp galýar.
Ýaşan ömründe ýaşaýyşyň nämedigini düşündirmäge çalyşyp, döreden eserlerinde muny kemsiz-köstsüz başarýar. Hut şonuň üçinem Lew Tolstoý iň beýik rus ýazyjylarynyň biri hökmünde dünýä edebiýatynda we dünýä taryhynda mynasyp ornuny tapdy.
Beýik ýazyjynyň döreden ýüzlerçe eseriniň arasyndan diňe onuň birnäçe romanlarynyň we ylym-bilim, pedagogika, teologiýa barada ýazan bary-ýogy birnäçesiniň adyny görkezip geçdik. Lew Tolstoýyň çeper eserleri türkmen okyjylary üçin hem diýseň tanyşdyr. Sowet döwründe ýazyjynyň 16 tomlugy türkmen dilinde neşir edilipdi.

■ Romanlary:

– "Çagalygym";

– "Ýaşlyk";
– "Uruş we parahatçylyk"
– "Kazaklar";
– "Iwan Iliçiñ ölümi";
– "Anna Karenina";
– "Direliş";
– "Hajymyrat" (powest);
– "Aýalyñ ruhy" we başgalar…

■ Bilim temasynda ýazan eserleri:

– "Populýar bilim";
– "Bilim meýilnamalary we geñeşdarlyga giriş";
– "Okuw kitaby";
– "Täze okuw kitaby" we başgalar…

■ Din we ahlak temasynda ýazan eserleri:

– "Dogmatik teologiýanyñ tankydy";
– "Injiliñ Kısa Bir İzahı
– "Nämä guwanýaryn?"
– "Durmuş";
– "Söýgi Hudaýy we goñşynyñ biri";
– "Adamlar näme üçin serhoş bolýarlar?";
– "Ilkinji ädim" (Wegeterianlyk barada);
– "Hudaýyñ hökümdarlygy öz içimizdedir";
– "Sebäp we din";
– "Diin we gaýrat";
– "Hristiýanlyk we watansöýûjikik";
– "Non-Resistance" (Ernst H. Krosbä hat);
– "Mukaddes kitaby nähili okamaly?";
– "Buthananyñ kezzaplygy";
– "Hristiýan taglymaty";
– "Kast ediş";
– "Öldürmeli dälsiñ"
– "Keramatly Sinota jogap";
– "Diñe uruş";
– "Dinde hoşniýetlilik";

– "Din näme?"
– "Prawoslaw ruhanylaryna";
– Ýeke-täk ätiýaçlygymyz";
– "Uly günä";
– "Adam öldürme!";
– "Birek biregi söýüñ";
– "Yaşlygyñ goralmagy";
– "Zorlugyñ kanuny we söýginiñ kanuny";
– "Ýeke-täk görkezme";
– "Her gün üçin" we başgalar… Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly